# Täze öwrenip başlanlar üçin Owganystan sözlügi

Category: Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Täze öwrenip başlanlar üçin Owganystan sözlügi TÄZE ÖWRENIP BAŞLANLAR ÜÇIN OWGANYSTAN SÖZLÜGI

*Tradision urp-adatlaryñ düýşpisint añ bilen real añyñ arasyna belent diwarlary örmändigini bilýäris. Bir hadysda «Oraşan düýş wahyýnyñ kyrk altydan biridir» diýilýär. Şeýlelikde, ylahy alamatyñ düýş arkaly adamlara häzirem ýetirilip bilinjekdigine yşarat edilýär. Belki-de, Owganystan — dünýäde gurulmagy meýilleşdirilýän täze düzgün üçin bir oýundyr, belki-de türgenleşik meýdançasy…*
*Bu ýurt kyrk ýyldan bäri bütin dünýäniñ dilinde we üns merkezinde. Emma nähili tanalýar, nähili düşünilýär, şo taýy belli däl. Bu harap bolan ýurdy we bitap adamlaryny tanamak üçin, belki-de, size käbir sözler açar bolup biler.*

- **Göknar**

Göknar — haşhaş (Мак снотворный — Papaver somniferum) güllän wagty şeýle bir owadan bolýar welin, älem-jahan durşuna gülzarlyga bürenendir öýdersiñiz.
Göknaryñ iñ köp ýetişdirilýän ýurdunda narkotiki serişdeleri ulanýanlaryñ nämüçin dünýäniñ iñ arzan we iñ zyýanly neşe serişdesi bolan «çers»-i ulanýandygyna hiç düşünip bilmedim.
Demirgazyk Owganystanda göknar ýetişdirmek haram, Günorta Owganystanda bolsa «kapyrlar» şony alýandygy üçin ekseñ bolýar. Anadolynyñ käbir obalarynda haraba öwrülen öýler bar — üçegi çagşan, diwarlary som-saýak bolup duran. Žandarma işgärleriniñ geçiren operasiýalary arkaly şol haraba öýleriñ käbirinde kenep ýetişdirilýändigini bildik.
Owganysanyñ haraba öwrülen şol ýykyk jaýlardan birjigem parhy ýok: žandarmalaryñ göknar ekip ýetişdirýän öýi.

- **Protez aýak**

Hassahanalaryň öňünde ýa-da göçme palatalarda, ýa-da baraklarda, ýa-da biziň öňki bäş ýyllyk başlangyç mekdeplerimiz ýaly kiçijik binalar bar. Ol okuw binasyna meňzeýän hütdüjekleriň köpüsi protez merkezidir. Beýlekileri bolsa süpük tiryýekileriň aç goýlup, terbiýelenýän we bejerilýän ýerleridir. Germaniýa, Daniýa, Şweýsariýa ýaly ýurtlaryň ösüş agentlikleri tarapyndan gurlup maliýeleşdirilen bu protez merkezleriniň köpüsi 2015-nji ýylyň ahyrynda ýapylmaga başlanypdyr. Minalaryň üstünden basyp, aýagyndan jyda düşen adamlara bolmalysyndanam artyk protez aýak berlipdir, hatda protez aýak bazary hem bar. Ruslaryň gömen minalarynyň üstünden basyp ýüz müňlerçe adam aýaksyz galypdyr. Hatda eýranlylar bu barada ýörite kinofilm hem düşüripdir. Dünýäniň protez aýaklarynyň ýarysyna golaýy Owganystandadyr we ölüler protez aýagy bilen bile jaýlanmaýar.

- **Mojahetler**

Söweşdiler. Köpüsiniň elinde amerikan ýaraglary, aňlarynda bolsa ýurtlaryndan sowet basybalyjylaryny kowup çykarmak pikiri bardy. Ellerine berlen ýaraglaryň öndürilýän ýurdunyň beren kömeginiň hökman bir garşylygynyň boljagyny pikir etmedilermikä? Bilemok. Balhda we Şadiýanda weteran mojahetler bilen gürrüňdeş bolup gördüm. Ugrunda göreşen dawasyna wepaly adamlar. Olar maňa weýran eden tanklarynyň böleklerini görkezdiler. Kimsi golsuz, kimsi aýaksyz. Emma şeýle bir owadan gülýärdiler. Gülmek – munuň öwezini ödän adamlara diýseň gelişýärdi.

- **Demirgazyk ýaranlygy**

«Demirgazyk şemaly, demirgazygyň patyşasy, demirgazyga ýolagçylyk, demirgazykdan gelenler…» Ajaýyp jümleler. Demirgazyk ýaranlygy – esasan täjiklerden, özbeklerden, hazareýlerden, türkmenlerden – esasan Günorta Türküstanda bileleşen ýaranlygynyň adydyr. Ýaranlygyň bar ýerinde hökman

bölünşiklerem bolýar. Demirgazyk ýaranlygy häzire çenli dört gezek birleşdi, üç gezek bölündi. Iň soňky gezek ABŞ-nyň ýurtdan çykmagy we Talibanyň ähli şäherleri ele geçirmegi bilen, ýaranlygyň öňbaşçylary ýurdy taşlap gaçdylar. Olar Kabuly mojahetlerden alyp, Gulbeddin Hikmetýara berenlerinde, birem Talibanyň 1996-2001-nji ýyllardaky agalygynda üstünlik gazanyp bildiler. Hindiguşdaky Salang geçelgesini bombaladylar, emma Talibanyň demirgazyga süýşmeginiň öňüni alyp bilmediler. Wagtlaýyn ýeňişden soň dyr-pytrak boldular. Şah Ahmet Mesut fransuzlar bilen, Raşit Dostumam ruslar bilen Mazary-Eýran we Owganystan bilen flortlaşdylar. Demirgazygyň başyna inen iň erbet ýaramazlyk hem şu ýaranlygyň arasynda ikiýana çekelenip durulmagydyr.

- **Uruş lordlary**

Fronta onbaşy bolup gidip, general çininde dolanyp gelenleriň karýerasynda uruş lordy bolup ýaşamagam bar. Jorj Walker Buş prezidentlige saýlananda spikerleriň biri ondan şeýle soranmyş:
– Päkistanyň prezidenti kim?
Buş içýakgyç ýylgyryp:
– General! – diýýär.
Çünki ol Perwez Muşerrefiň adynam bilenokdy. Hawa, amerikan prezidenti üçin bu ýerlerdäki ähli liderler «generaldyr». Kenan Ewrenem generaldy. Gündogarda generallar «alaýly» (саркастический – harby taýynlygy bolmazdan başly-barat ýetişen ofiser) we «mülkiýeli» (проприетарный – okuwyny okap gelen) diýen iki topara bölünýär. Mülkiýeliler özlerini bankirdir öýdenoklar, ummasyz uly talaňçylyklary edýärler. Alaýlylar bolsa özlerini garakçy ýaly alyp barýarlar, bir urgyda hemme zady agdar-düňder edip taşlaýarlar we smokin geýýärler. Owganystanda, hem penjek-jalbarly hem kamflýažly gezýän uruş lordlary bar, häzirem şeýle.

- **Mango we käşir**

Gysgajyk arakesme berip, size dünýäniň iň arzan we iň datly

mango suwuny mürähet edeýin. Gynansak-da, ol köp sarp edilýän mangolar Päkistandan gelýär. Ýeke-täk bäsdeşi bolsa Owganystanyň özünde ösüp ýetişýän ýerli goňrumtyl, pyrtykal, sary reňkli balhy käşirlerdir. Owganlarda bilguşakly we äýnekli adama az duşarsyňyz. Munuň sebäbini käşir suwuna baglanyşdyrýanam bar. Käşirleri şeýle bir suwly welin, ony suw goşmazdan gysyp, şiresini içip oturmaly. Arzan we köp sarp edilýän gök önüm.

- **Zirbagi**

Şykgy palçykdan ýasalýan, keýigiň hamy bilen gaplanan, deprege meňzeş kakylyp çalynýan saz guraly. Ähli aýdymlaryň gapdalyna ýanap kakybermeli. Şonuň üçin ol owganlaryň özüne-de meňzemän duranok. Aňsatjak kakaryn öýdýänsiňiz welin, emma köpi gören owgan ussadynyň elinde onuň misli adama meňzäp owaz edişini göreniňizde, zirbagini usullyk bilen hak eýesine bereniňizi gowy görersiňiz. Göýä keýik hamynyň ýüzünde klawişeler bar ýaly, ussatlar ähli barmaklaryny ulanyp, ol klawişeleri saýradyp durandyr.

- **Möwlewi**

Mollalar ýaly okuwyny geçen, emma medresede okatmagyň ýerine özüni okatmagy dowam eden, ylma özüni bagyşlan aryf. Möwlewileriň aglabasy Jelaleddin Rumynyň «Mesnewisinden» ýüzlerçe beýdi ýatdan bilýär. Möwlananyň muşdagydyrlar. Emma olar zikiri sema däl-de, sesli-jehri görnüşinde edýärler. Owgan kadyrylary sesli zikir etmegi gowy görýär. Hafy-gizlin zikir edýän tarykat görmedim, gynansak-da. Gizlinine nädip duşaýyn? Mejlisleri edebe ýugrulan. Söz iň ýaşuly adamyň «Bişnew!» («Diňle!») sözi bilen başlaýar. «Mesnewi» täzeden ýazylýan ýaly üns bilen şygyry diňlänlerinde suwuň boýundaky ýeken gamyşlar ýaly süzülip oturýarlar.

- **Molla**

Her bir metr ýerine bir molla düşýän ýurtda mollalara kesgitleme berjek bolmam ýalňyş bolýar. Hem uruşlar, açlyk,

garyplyk… Bir ýurdy yza – orta asyrlara dolap barýan şulardyr, mollalar däl. Mollalar dine orta asyrlara gaýdyp gelen halka diňe orta asyrlar ýewropasynda edilenleri edýär we dini gatlagy emele getirýär. Uruş lordlary, mollalar, ulamalar, syýasatçylar, monarhiýa, halk… Üns berseňiz – halk hemme ýerde ýekelik sanda, beýlekiler bolsa hökman täze atlar bilen ýatlanmak isleýär. Halk sypatsyzdyr. Açlykdan ýaňa agzy aňkap duran mollanyň ýanyna baryp, nädip oňa: «Eý, molla! Sypyr, üstüňe örtünen diniňi, hakyky keşbiňi görkez!» diýjek.

- **Aýal-gyzlaryň hak-hukuklary**

BMG we ellinji ýyllara çenli ýurtlarynda aýal-gyzlary saýlawa gatnaşdyrmadyk ýurtlar diňe 2001-nji ýyldan soň Owganystanda zenan jynsynyň peýda bolandygyny, aýal-gyzlaryň bardygyny, emma şonda-da olaryň hiç hili hak-hukuklarynyň ýokdugyny aýdýarlar. Bizem ynanaýdyk derrew şol «alymlara». Ýogsam bolmasa, Owganystan diýlen ýurt döräni bäri ol ýerde aýal-gyzlar bar, özem diňe aýal-gyzlar bar. Çünki erkekler ol ýerlerde ýaşamak ýa-da ölmek üçin däl-de, öldürilmek üçin dogulýarlar. Aýallar bolsa hasratly durmuşyny ýaşamagyna dowam ederler. Olaryň öz hak-hukuklary barada pikirlenmäge mümkinçilikleri bolmasa näme…

- **Enjiýo**

Ösüş agentligi – raýat-jemgyýetçilik guramasy. Jemgyýetçilik ýa-da ýörite haýyr-sahawat guramasy. Missioner. Gülümsiräp seredýän kontrrazwedka. Baýlaryň garyplara ulanmaýan odur-budurlaryny berip göwün awlaýan ýeri. NATO-nyň we ABŞ-nyň yzyna düşüp, ömürlik maýyp bolan bir ýarala medisina kömegini berýän çişik halas edijileriň üýşen ýeri. Käbirleri Owganystana eden kömeginden has köp garamagynda işleýänlere köp hak töleýär. Käbirleri Owganystandan bikanun çykarýan narkotiki serişdesine berilýän hak üçin işleýär. Käbiri Badahşandaky almaz känlerini tapmak agyz suw guýulary gazar we käbir owganlar üçin «enjio» mina eşegidir. Münübildigine münerler. Duşmanlar bir halky işýakmazlyga, ýaltalyga werziş

etdirmegiñ iñ añsat ýoluny tapypdyr. Oturýañ, oýlanýañ, pikir edýäñ… dostlarymyza näme bolduka diýesiñ gelýär. Şaly ekýän ýurda iki ýyl yzly-yzyna tüwi kömegini berip, birdenem şol kömegi kesseñiz, şol ýurtda gytçylyk başlar. Owganystanda birnäçe «enjio» guýa suw daşaýanam bolsa, balyk tutmagy öwrenmändir.

- **Nan u nemek (duz-emek)**

Eger bir owgan siziñ bilen çöregini paýlaşyp iýen bolsa, onuñ bilen saçakdaş bolan bolsañyz, siziñ janyñyza onuñ öýünde howp abanmaz. Owganystan ýaly ýurtda iñ kyn zat jan howpsuzlygydyr we duz-emek bolşan adamyñ myhmanyny şirin janyny orta goýup goramagy başarýar.

- **Burka**

Aýal-gyzlaryñ näme geýýändigi bilen nähili gyzyklanýansyñyz, şeýle gerek?

- **Stinger**

ABŞ biziñ «jihat döwri» diýýän ýyllarymyzda mojahetlere 50 sany «Stinger» beripdir. Sowet wertolýotlary guş mysaly awlanypdyr. Ýadyma düşýär, 48-ni amerikanlar yzyna aldy, ikisi bolsa Owganystanyñ içinde ýitirim boldy. Megerem, ol iki «Stingeriñ» raketa atyjysy musulman bolup, halkyñ içine siñip gitdi. Edil ruslardan 147 sany esgeriñ ýurtlaryna dolanman Owganystanda galyşlary ýaly. «Stingerler» maña elmydama «Eldeki ata münen çalt düşer» aýtgysyny ýatladýar.

- **Taliban**

Bilýärin, bu söze berjek düşündirişime sabyrsyzlyk bilen garaşýansyñyz… Owganystana şolar ýaly derejede düşünesimiz gelýärmikä? Garaşyp göreliñ onda!

- **Loýi Jirga**

Uly gurultaý. Aksakallar. Etniki gurluşyñ geterogen-bulaşyk

bolan ýurdunda birnäçe asyrlap bir ýerde ýaşaýan adamlaryny bir ýere jemleýän ant içme çäresi. Her etniki topardan gelen adamlaryň bir ýere üýşüp, maslahat edişip dowam etdirýän agzybirligi modern dünýäniň gözüne batypdyr. Belki-de, bir bitewi döwlet bolmagy bilgeşleýin gijikdirilen Owganystan geografiýasynda «Loýi Jirgani» jadyly erteká öwürdiler. Edil möjek garranda ite masgara bolup, düýnki jüýjeleriň saçy-sakgaly agaranlara «Hajy, sen bir agzyňy ýum! Biz Amerikanyň, Fransiýanyň ýetişdiren adamlary, uruş lordlary, syýasatçylary, ýaragly toparlary, soňy görünmeýän uruş üçin ýeterlik adamlarymyz bar» diýýän ýaly.

- **Owgany**

Dünýäniň iň gelşikli erkek eşigidir. Ykjam we rahat. Bahasy gymmady-da bar. Fabrikde öndürileni kän halanmaýar. Tikinçä gidip ölçegiňe görä eşik tikdirmek özüňize bolan ýakymly duýgyny oýarýar. Her bir owgan tikinçä baryp boýuny-syýyny ölçedende şeýle duýgyny başdan geçirýär. Ýörite günlerde we baýramlarda owgany sowgat edilýär. Bütin dünýäniň baýlygyny getirip öňüňizde goýanlarynda-da, heniz reňkiniň nähilidigini bilmeýän bir owgany eşigini sowgat berenlerinde başdan geçirýän begenç duýgusyna taý geljek duýgy ýokdur. Hem ahyrynda kepene meňzeş!

- **Ýetim**

Ilat sanyna garanda ýetimleriň sany boýunça Braziliýa bilen bäsleşýär we bilşiňiz ýaly hossarsyz çagalar ýitirim bolýarlar. Ýa olar bir ýerlere gider ýa-da bir ýerlere äkiderler. Hemme çaga ulalýar. Emma ýetimler şeýle bir çalt ulalýar we gözýaşyny syljak bolanyňyzda olar siziň saçyňyzdan ogşar, özleri siziň biygtyýar gözleriňize dolan ýaşy sylarlar. Ýetimleriň eýmendiriji we adamyň burnunyň içini syzladyp bilýän güýçleri bar. Şonuň üçin owgan şäherinde ýa-da obasynda barýarkanyz, hergiz bir çaganyň ýoluny kesäýmäň, kimiň ýetimdigini bilmersiňizem.

- **Mina**

Çopanlar dag eteklerinde dowarlaryny agaýana bakyp bilenoklar we aýagy gopan goýun elli dollara-da geçmeýär.

- **Litiý**

Ara daş bolany üçin ABŞ-nyñ gyzyklanmadyk magdany. Hytaýyñ açgöz magdan gazyjylary eýýämden muña dişlerini ýiteldip başladylar.

- **Medrese**

Elif, be, te, se, jihat!

- **Mekdep**

Däne-däne edip şygyr okaýan çagalaryñ ýokary okuw jaýlaryny okap gutaranda para-peşgeş berip işe girmek ýa-da daşary ýurtlaryñ birine okamaga gitmek üçin taýýarlyk görýän ýeri. Köpüsi-de çadyr. Gyşyna işlemeýän, howasy dikilen gününden bäri ýaramsyz mekan…

- **Beçebaz**

Googl-a girip gör we näkesleriñ suw ýalyja oglanjyklary tans oýnadyp şatlanyşlaryny göreniñde, aglamaga synanyş.

- **Şeker gamyşynyñ suwy**

Suw içilende syn edilip içilýär. Käte hasraty synlanmadyk Badahşan ýer goduklamalary ýaly şerbetler içilýär. Biz şerbeti syn edip içibereliñ «bal iýen baldan ýadar» diýlişi ýaly… Ol ýerlerde hasraty synlamaga suw ýok!

- **Zenanlar bazary we zenan işleri boýunça uprawleniýe**

Owganystan Yslam respublikasynyñ merdana aýal-gyzlarynyñ jemlenen ýeri. Has merdanalary bolsa öýlerinde goñras dag mysaly mañlaýyna ýazylanlary görmäge garaşýar.

- **Mazar**

Mazary-Şerif.

- **Leýlami**

Dünýä ülñüsindäki önümleriñ deger-degmez bahasyna satylýan ikinji derejeli bazary. Men şonda-da şu bazardan elinde 10 owganysy bolman, iki elini burnuna sokup boş gaýdýan nijeme adamlary gördüm.

- **Zinde bad! (Ýaşasyn) Owganystan!**

26.10.2021 ý.

Zeki BULDUK.

Terjime eden: Has TÜRKMEN.